# Gülmek ömürden

Category: Degişmeler,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Gülmek ömürden

GÜLMEK ÖMÜRDEN

Alyjy bazarda goýun-geçi satyp durandan soraýar:
– Şu işşegi näçe bahalaýaň?
– Hä-ä, bumy? Bu gyrkylmadyk işşek bolansoň, bahasy 400 manat.
Alyjy:
– Dost, sen şuny gyrk-da, 300 manada beräýsene!

* * *
Iki sany ýolagçy ugrajak bolup duran otlynyň ýanyna barýar. Olaryň biri:
– Şu otly meni Aşgabada eltermi? – diýýär.
– Ýok – diýip, otlynyň ýolbeledi jogap berýär.
– A meni eltermi? – diýip, beýleki ýolagçy soraýar.

* * *
– Salam, ýyldaş! Gör, näçe ýyldyr duşuşmadygymyza! Sen şol göwün beren gyzyňa öýlendiňmi ýa-da henizem öz eşikleriňi özüň ýuwup ýörmüň?
– Iki sowalyňa-da «hawa».

* * *

Mugallym:
– Sen näme, tolgunýaň, Amanow? Meniň berjek sowallarymdan çekinýäňmi?
– Ýok-la, mugallym, öz berjek jogaplarymdan gorkýan.

* * *

– Näme üçin seniň öýe berlen işleriňi mydama kakaň işleýär?
– Sebäbi ejemiň eli degenok-da. Onuň öz işlerem başyndan agdyk.

* * *

Köpden bäri görüşmedik iki dost duşuşýar.
– Ýeri, siziň ol joşgunly söýgiňize näme boldy?
– Barysy kül boldy.
– Aýra düşdüňizmi?
– Ýok-la, durmuş gurduk.

**Toplan: Azat DURDYÝEW,**
**Neşirýat-çaphana orta hünär okuw mekdebiniň talyby**

#"*Edebiýat we sungat*" *gazetinden alyndy*

Degişmeler